# Kagyzdan serkerdebaşy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kagyzdan serkerdebaşy KAGYZDAN SERKERDEBAŞY

Biri özüne hakykatdanam serkerdebaşydyryn öýdýärmikä? Diýmek… Prezident bolsañ, Serkerdebaşy bolubermeli-dä, şeýlemi? Bilenokmyka… Şeýdip alnan serkerdebaşylygyñ diñe kagyz ýüzünde galýandygyny!
«Kagyzda ýazylan» diýip, serkerdebaşy bolunmaýar! «Kagyzda ýazylan» diýlip, serkerdebaşylyk edilmeýär!
Kagyz näme – Konstitusiýa. Kagyz näme – kanun. «Konstitusiýada, kanunda şeýle ýazylan» diýip serkerdebaşy bolup bolmaýar.
Serkerdebaşy bolmak üçin başga şertler gerek. Ýazaýyn…
1922-nji ýylyñ tomsy. Ankara.
Mustapa Kemal aýgytly kararyñ öñüsyrasynda dur, emma gelen kararyny hiç kim oñlanok. Goranmak ministri «Ýeterlik ýarag ýok» diýýär.
Içeri işler ministri «Içerki gapma-garşylyklaryñ we talañçylyklaryñ soñuna çykmazdan bular ýaly uly harby herekete başlamak ýalñyş bolar» diýýär.
Maliýe ministri «Gazna boş, ýeke teññe pulum ýok» diýýär.
Belli karara gelen Mustapa Kemal ýeke ädim yza tesmeýär. Ýakyn egindeşleri bilen maslahatlaşýar. Aly Fuat (Jebesoý) paşadan goşun bölümleriniñ birine ýolbaşçylyk etmegi haýyş edýär. Emma ol «Meniñ häzire deñiç frontda serkerdelik etmedik ýerim ýok» diýip teklipden ýüz dönderýär. Mustapa Kemal şol teklibi Refet (Bele) paşa hem edýär. Olam garşylyklaýyn hüjümiñ şowly boljagyna ynanmaýar. Kinaýaly «Örän möhüm bir zat bolaýjakmyka?» diýýär. Mustapa Kemal «Hawa, bolar!» diýip jogap berýär. Refet paşa morta «Men ynanamok» diýip teklipden ýüz öwürýär.
Şol güne çenli hiç bir pidakärlikden gaýtmadyk ýakyn egindeşleri Mustapa Kemaly iñ aýgytly pursatda ýeke goýýar…
Diñe şolarmy? Serediñ, ýene kimler bar?..

## • «Ynanmaýan öz islegi bilen ýerini boşatsyn!»

1922-nji ýylyň tomsy. Akşehir.
Mustapa Kemal harby serkerdeleri bilen garşylyklaýyn uly hüjüm boýunça ýygnak geçirýär.
Ýakup Şewki (Subaşy) paşa harby mekdepde Mustapa Kemaly okadan adam. Şindi ol ikinji goşun birikmesiniň serkerdesi. Ol garşylyklaýyn hüjüme garşy çykyp: «Halkyň güýjüni humar oýnunda daş atan ýaly harçlamak uly jenaýatdyr» diýýär.
Mustapa Kemal «Halkyň güýji şunçamy, paşam?» diýip soraýar.
Ýakup Şewki paşa şol öňki ses tony bilen «Hawa!» diýip sözüni soňlaýar.
Kemaletdin (Gökçen) Sami paşa-da şoňa meňzeş sözleri aýdyp, ätiýaçdaky güýçleriň gowşakdygyny aýdýar.
Ismet (İnönü) paşa we Fewzi (Çakmak) paşa-da ýaraglaryň pesliginden zeýrenip, garşylyklaýyn hüjüme garşy çykýarlar.
Mysal üçin, grek goşunynyň elli sany istrebiteli bolsa, muňa derek türk goşunynyň on sany istrebiteli bar eken.
Mustapa Kemal özüni diýseň sowukganly alyp barýar we «Kim garşylyklaýyn hüjümiň şowly boljagyna ynanmaýan bolsa, öz islegi bilen ýerini boşatsyn. Ähli jogapkärçiligi men öz boýnuma alýaryn!» diýýär.
Paşalar geň galýar.
Ismet paşa ýuwmarlamaga çalyşýar:
«Paşam, siz pikirimizi soradyňyz, bizem aýtdyk. Ýöne emir berseňiz, biz muny hökman ýerine ýetireris.»
1922-nji ýylyň 26-njy awgustynda garşylyklaýyn hüjüm başlaýar.
Hüjüme Mustapa Kemalyň hut özi ýolbaşçylyk edýär.
Beýik ýeňiş gazanylýar, duşman deňize gapgarylýar. Elbetde, ýeňişde gahryman mehmetjiklerimiziň çäksiz uly paýy bar. Emma… Serkerdebaşylyk diýilýänem, ine, şeýle çindir. Şol sebäpli bu söweşe «Baş serkerdelik meýdan söweşi» ady berilýär!
Ýagny… Serkerdebaşylyk diýilýän zat kagyzdan däl, dostjan!
Hakyky Serkerdebaşy… söweş meýdanlaryndaky ýeňişlerden çykýar.

## • Pöwheligi

1683-nji ýylyň 13-nji sentýabry.

Türk goşunynyň Wenanyň eteginden bäri yza çekilip başlamagy 238 ýyllap dowam edýär.
Yza çekilme ýene bir sentýabr aýynda togtaýar.
1921-nji ýylyň 5-nji awgusty.
Yzagalak çöňňeleriň garşylygyna garamazdan Mustapa Kemal serkerdebaşy bolýar.
1921-nji ýylyň 13-nji sentýabry.
Sakarýa meýdan söweşi bilen türk goşuny «şowsuzlyk guşunyň» ganatyny gyrkýar.
Türk goşunlarynyň yza çekilişi soňlanýar. Öňe gidişlik başlaýar…
Yzyndan… Hataý we Kipr gelýär.
Maksat – «Misaky-Milli» çäkleriniň içindäki Mosuldyr Kerkugy almak. Bularyň alynmagy Atatürküň wesýetidir. Ismet Inönü alyp bilmese-de, bu wesýeti Bülent Ejewide goýup gidýär.
Soňra… soňra häkimiýete AKP gelýär.
Mosulda, Kerkukda türkmenler öldürilýär, ilat ýazuwy baradaky resmi maglumatlar ýakylýar, «Kürdüstan» yglan edilýär. YŞYD Mosulda şerigat döwletini gurýar.
Türk goşunyndan başga bu ýerlere aýagyny basmadyk galmaýar.
Bulam az bolýan ýaly… Kagyzdan serkerdebaşynyň buýrugy esasynda türk goşuny gijeýarymdan soň ýörite operasiýa bilen Siriýadaky Süleýman şa kümmediniň goragyndan çekilýär!
Bu hereket türk goşunynyň 1921-nji ýyldan soňky ilkinji yza çekilmesidir.
238 ýyl dowam eden yza çekilme garabasmasy ýene başlady, ine!
Yzyndan näme bolar öýdýärsiňiz?
Jogabyny hemmämiz bilýäris…
Kagyzdan serkerdebaşy başymyzda durjak bolsa, türk goşunynyň yza çekilişi dowam eder!
Kagyzdan serkerdebaşy başymyzda durjak bolsa, mehmetjigimiziň kellesine halta geýdirilmegi dowam eder!
Kagyzdan serkerdebaşy başymyzda durjak bolsa, Egeý deňzindäki adalarymyzyň basylyp alynmagy dowam eder!
Kagyzdan serkerdebaşy başymyzda durjak bolsa, F-16 uçarlarymyzyň serhet ýakalarynda urulyp düşürilmegi dowam eder!

Kagyzdan serkerdebaşy başymyzda durjak bolsa, mehmetjiklerimiziñ şehit bolmagy dowam eder!
Bütin bularyñ barsy hiç bolmadyk ýaly… Kagyzdan Serkerdebaşynyñ diline bat bermegi – pöwheligi dowam eder…
Hususanam… Uruşlarda üstün çykan bir geniniñ – Serkerdebaşy Mustapa Kemal Atatürküñ adyny tutmaz. Hamana şeýdip Atatürküñ adyny ýatdan çykardaryn öýdýär!
Bilenog-a… Taryh kagyz serkerdebaşylaryñ adynam agzamaýar.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 02.09.2015 ý. Taryhy makalalar